# Şahyr Mämmetnazar Babanazarowy ýatlap…

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Şahyr Mämmetnazar Babanazarowy ýatlap… HALYPAMYZY ÝATLAP…


kitapcy.ru

• *Şu gün şahyr Mämmetnazar Babanazarowyň doglan güni*

1998-nji ýylyň maý aýlarydy. Halypamyz, žurnalist, şahyr Rejepgeldi Mejikowyň ýanyna bardym. Onuň iş kabinetinde otyrkak elimdäki depderimi görüp:

– Entek hiç zat ýazylmandyr, täze aldyňmy? – diýip ýüzüme garady. Men baş atyp depderimi oňa uzatdym:
– Hawa, täze aldym weli, näme ýazyp başlajagymam bilemok.
Rejepgeldi aga hemişeki hoşgylaw ýylgyrşy bilen ýüzüme garap uzadan depderimi alyp, birinji sahypasyna galamynyň ujyny degrip bir salym sägindi.
– Saňa bir goşgy ýazyp berjek, kimiňkidigini aýdyp ber onsaň!
Halypa şeý diýdi-de owadan poçerki bilen täze depderimiň sahypasyny keşdeläp ugrady. Men agzymy öweldip, Rejepgeldi aganyň hiç säginmän çalt-çalt hereket bilen depderiň sahypasyny sünnäläp oturşyna seredýärdim.
Ahyry ol ýazyp boldu-da, depderimi yzyna uzatdy. Men onuň owadan ýazuwyndan gözümi aýryp bilmän ýazyp beren goşgusyny gözlerim bilen okaýardym.
– Kimiň goşgusy?
– Bilemok – diýdim.
Ol meniň soragly nazaryma dözüp kän oturyp bilmedi.
Şonda-da:
Şu goşgynyň ýazylanyna otuz ýyl boldy – diýip, ýene meni gyzykdyrdy. – Özem goşgynyň awtory goşgusynyň bardygynam bilenok. Bir mende galdy, meniňem ýadymda.
Men özelendim:
– Rejepgeldi aga, aýdaýsana kimiň goşgusy bu?
– Halypaň goşgusy ahyr bu, sen nä ýazyşyndan bilmediňmi?
Men ynanmaýan ýaly ýene elimdäki depderiň ýüzüne ýaňyja ýazylan goşga öwran-öwran seretdim.
Rejepgeldi aga:
– Mämmetnazar dördünji kursda okap ýördi, men ýaňy barypdym okuwa. Ol şu goşgyny ýazyp halypa ýazyjylaryň huzuryna eltipdir. Halypa goşgyny okap, muň ýaly göwnüçökgün goşgyny ýene otuz ýyldan soň ýazsaň dagy bolmazmyka diýipdir. Goşgudan başga kemçilik tapmanmdyr. Mämmetnazaram obşežite gelen soň goşgyny ýyrtyp zyňdy. Ýyrtyp zyňmazyndan menem oňa göz gezdirdim. Goşgyny gowy gördüm, şoň üçinem ýadymda galypdyr – diýdi.
Soňra Rejepgeldi aga «Bir gün bu goşgyny halypaňa okap ber, meňem ýazyp berenimi aýtma – diýdi. – Ýadynda barmyka?!»

Meniň ýatkeşligim ýabygorly. Öz goşgularymy hem ýatdan bilmeýärin. Ýöne nämüçindir bu goşgyny bir gezek okanymda ýat tutdum. Bäş-alty gün geçen soň redaksiýa baranymda halypama sataşdym. Arkaýynyrak eken.
Gürleşip oturdyk. Şol döwür maňa pata ber diýip halypamyň ýüregine düşüp ýören döwürlerimdi. Mämmetnazar aga sypaýçylyk bilen hoşsöz aýdyp her gezek sypýardy bir gezek bolsa «Çyn şahyra patany ýerde däl, ylahyda berýärler, ýeriň üstünde çyn şahyra pata berjek adam bolmaz!» diýipdi.
Men bu gezek öňki oglan gylygymy edip, halypamdan pata ber diýip haýyş etmedim. oňa derek:
– Halypa men size bir goşgy okap berjek – diýip,
Gurbannazar Ezizowyň «Internasional» goşgusyndaky gahryman ýaly boýnumy sozup, Rejepgeldi aganyň depderime ýazyp beren goşgusyny okap başladym. Goşgy okap otyrkam halypanyň gyrgynyňky ýaly kijijik gözleri ýyldyrap-uçganaklap gidýärdi. Ol okap oturan goşgymy ortarasynda saklaýjak bolýardy. Tolgunmadan murtlary gymyldap gidýärdi. Ahyr men goşgyny tamamladym.
Halypam:
– Bu goşgyny sen nirden bilýäň?
Halypam uçaýjak bolýardy. Menem begenjimden aljyraýardym.
– Bilýän-dä aýtjak däl-diýip, ýoknasyzlyk edýärdim. – Hany pata berjek däl diýdiň-ä?.. Men bolsa siziň hiç ýadyňyzda hem ýok goşgyňyza çenli ýatlap ýörün. Halypam meniň oglan badyhowalygyma, ünsembermängeň galyp otyrdy. – Beh, dogry men bugoşgyny ýitirenim dogry, student wagtym ýitirenim dogry. Sen nirden aldyň?
– Rejepgeldi aga ýazyp berdi. – diýdim. – Menem ýatlap aldym.
Mämmetnazar aga:
– Hä-ä, dogry diýdi, şol wagt Rejepgeldi okap ýördi. – diýdi. -Rejepgeldi gaty ýatkeşdir.
…Aradan näçe ýyllar geçenem bolsa, diňe birje sahypasyna birje goşgy ýazylan depderi elime alanymda, rehmetli Rejepgeldi agamyň ýylgyryp duran nurana keşbi göz öňümde janlanýar. Onuň aşakdaky Mämmetnazar aganyň galamyna degişli goşgyny labyz bilen okap berişi henizem gulagymdan gidenok.

*Meniň garran bedew kimin gussamy,*
*Bagty gelen bagtymn diýip öpüp ýör.*
*Mende galdy şol günleriň asmany,*
*Ýollarymy başga biri söküp ýör.*

Oglan gözlerimi söýen günleriň,
Bugdaý kimin seçelenip galypdyr.
Hem görünýän deregine gülleriň,
Başyňdaky bahar kimin ýaglykdyr.

Mahal-mahal ýalňyz gumra öwrülip,
Tesellimi-şol günleri çöpleýän.
Garylýaryn ak dumana höwrügip,
Ýöne seniň daglaryňa çökmeýän.

Daglar ümsüm oturarlar dünýede,
Tolkunlar öz kenaryny öperler.
Meni bir gün ýitirerler dünýede,
Hemem seniň gözleriňden taparlar.

Çygly şemal gelip maňlaýa degdi,
Uzakda bulutlar aglaýar öýdýän.
Saňa şu zatlary ýatlatdym welin,
Ezizim, sen ýene aglaýaň öýdýän.



Sylapberdi MUHAMOW. 2015 ýyl. Ýatlamalar